# INTELLEKTUAL EÝEÇILIGIŇ MILLI WE HALKARA HUKUK ESASLARY

**Gülsenem HOMMADOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

**Gysgaça beýan**

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde, şol sanda söwdada bazar gatnaşyklarynyň ösüşi, şeýle hem ýurdumyzyň senagat eýeçiliginiň goragy, haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary ulgamlarynda halkara ylalaşyklaryň we şertnamalaryň birnäçesine goşulmagy hereket edýän milli kanunçylygy düýpli kämilleşdirmegi talap edýär.

Makalada intellektual eýeçilik çygryndaky halkara resminamalary düýpli seljermek hem-de olarda beýan edilen kadalary we düzgünleri milli kanunçylyga ornaşdyrmak bilen bagly meseleleriň öwrenilişi beýan edildi. Şeýle hem intellektual eýeçilik hukugy babatda Türkmenistanyň goşulyşan halkara resminamalary seljerildi, bu ugurda ýurdumyzyň hukukçy alymlarynyň garaýyşlary we ylmy-tejribe düşündirişleri peýdalanyldy.

Ylmy makalada gelnen netijeler intellektual eýeçilik bilen bagly milli kanunçylyk ulgamynda beýan bilen kadalaryň Türkmenistanyň goşulyşan halkara resminamalarynyň düzgünleri we kadalary bilen sazlaşykly utgaşýandygyna göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

**Esasy sözler:** hukuk, ykdysadyýet, intellektual, eýeçilik, patent, şertnama, gurama, ylalaşyk, kanunçylyk.

Her bir adam zähmeti we aň-paýhas başarnyklary arkaly durmuşdaky ornuny tapyp, jemgyýet tarapyndan ykrar edilýär. Ynsanyň döredijilikli zehininiň we yhlasly zähmetiniň netijesinde döredilýän eserlerdir oýlap tapyşlar, edilýän açyşlar jemgyýetimiziň ösüşine uly itergi berýär. Adam aňynyň döredijilikli zähmetiniň netijesine bolsa intellektual eýeçilik diýilýär.

Intellektual eýeçilik dürli görnüşli oýlap tapyşlary öz içine alýar. Muňa mysal hökmünde sungat eserlerini, kompýuter maksatnamalaryny, haryt nyşanlaryny ýa-da täjirçilik maksatly döredilen beýleki serişdeleri görkezip bolar.

Intellektual eýeçilik hukugy esasan şu aşakdaky üç bölekden ybaratdyr:

− patent hukugy;
− awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar;
− aýrybaşgalaşdyryş serişdelerine bolan hukuk.

Patent hukugy – bu intellektual eýeçilik hakyndaky kanunçylygyň düzüm bölegi bolup, ol kanunçylyga laýyklykda goralýan we patent bilen tassyklanylýan oýlap tapyşyň döredilmegi, onuň hukuk taýdan goralmagy we onuň peýdalanylmagy bilen baglylykda ýüze çykýan emläk, şeýle hem onuň bilen bagly bolan şahsy emläk däl gatnaşyklary düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň toplumydyr [1, ...s.].

Awtorlyk hukugy bu ylym, edebiýat we sungat eserlerini döreden adamyň öz eserleri babatda emläk we şahsy emläk däl hukuklaryny hem borçlaryny amala aşyrmagy bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň toplumydyr.

Gatyşyk hukuklar bu fonogrammalaryň we wideogrammalaryň ýerine ýetirilmegi, öndürilmegi, gepleşikleriň guralmagy we tele hem radio ýaýlymlara goýberilmegi bilen baglanyşykly görkezilen hereketleri amala aşyrýan fiziki şahsyň emläk we şahsy emläk däl hukuklarydyr.

Haryt nyşanyna bolan hukuk – bu ýuridik şahsyň ýa-da ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahsyň harytlaryny aýrybaşgalaşdyrmaga bolan hukukdyr.

Hyzmat ediş nyşanyna bolan hukuk bu ýuridik şahsyň ýa-da ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahsyň ýerine ýetirýän işlerini ýa-da edýän hyzmatlaryny aýrybaşgalaşdyrmaga bolan hukukdyr.

Mälim bolşy ýaly, adam aňynyň netijelerini, ruhy gymmatlyklary goramak üçin BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy bolan Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasy (mundan beýläk – BIEG) hereket

edýär. Bu gurama 1967-nji ýylda döredilip, onuň ştab-kwartirasy Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde ýerleşýär. BIEG-niň Tertipnamasyna laýyklykda, intellektual eýeçilik adamyň aňynyň döredijiligini aňladýar. Onuň hukuk binýady her bir adamyň medeni durmuşa gatnaşmaga, çeper, ylmy we tehniki döredijiligiň erkinligine, ylmy, tehniki döredijilikde, şeýle hem çeperçilik, edebiýat we medeniýet işinde awtorlyk hukuklarynyň hem-de bähbitleriniň kanun bilen goralýandygyny kesgitleýär.

BIEG BMG-niň düzüminde intellektual eýeçiligi ylymda we ykdysadyýetde täzeçil hem-de döredijilikli işläp taýýarlamalary höweslendirmegiň serişdesi hökmünde peýdalanmak meseleleri bilen meşgullanýan gurama bolup durýar. Türkmenistan 1991-nji ýyldan bäri bu guramanyň doly hukukly agzasy hökmünde BIEG bilen köpugurly gatnaşyklara möhüm ähmiýet berýär.

Türkmenistan intellektual eýeçiligi gorap saklamaga ýardam berýär we bu ugurdaky halkara tagallalara öz goşandyny goşýar. Bu babatda kabul edilen ençeme halkara ylalaşyklaryna we konwensiýalaryna goşulýar. Olaryň hatarynda Oýlap tapyşlary goramak baradaky Ýewraziýa patent konwensiýasyny; Senagat eýeçiligini goramak hakyndaky Pariž konwensiýasyny; Edebi we çeper eserleri goramak boýunça Bern Konwensiýasyny; Patent kooperasiýasy hakyndaky Şertnamany; Patent hukugy hakyndaky Şertnamany, Nyşanlaryň halkara hasaba alnyşy hakyndaky Madrid ylalaşygyny; Halkara patent klassifikasiýasy hakyndaky Strasburg ylalaşygyny; Senagat nusgalarynyň Halkara klassifikasiýasyny esaslandyrmak hakynda Lokarn ylalaşygyny; Harytlaryň we nyşanlary bellige almak üçin hyzmatlaryň Halkara bölünişigi hakynda Nissa Ylalaşygyny; Nyşanlaryň şekillendiriş serişdeleriniň Halkara klassifikasiýasyny döretmek hakynda Wena ylalaşygyny we beýlekileri nygtamak bolar.

XIX asyrda awtorlyk hukugynyň halkara goraglylygyny üpjün etjek halkara şertnamalarynyň zerurlygy ýüze çykdy. Intellektual eýeçilik çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän şeýle ilkinji halkara şertnamalarynyň biri hem 1886-njy ýylda kabul edilen Edebi we çeper eserleri goramak boýunça Bern konwensiýasydyr (mundan beýläk – Bern konwensiýasy). Bu günki güne çenli Bern konwensiýasyna birnäçe gezek üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Türkmenistan bu Konwensiýa 2016-njy ýylda goşuldy.

Bern konwensiýasynyň esasy ýörelgeleri şulardan ybaratdyr:

– edebiýat we sungat eserleriniň awtorlyk hukuklarynyň goraglylygynyň milli düzgüni ýörelgesi (bu ýörelgä laýyklykda şu konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň haýsy hem bolsa, birinde döredilen islendik esere, şu konwensiýa gatnaşyjy islendik beýleki bir döwletlerde döredilen şol eserleriň goragy üpjün edilýär);

– haýsy-da bolsa bir resmi hereketleriň (bellige alynmagy, saklanmagy we ş.m.) bolanyna ýa-da bolmanyna garamazdan, awtorlyk hukuklarynyň ýüze çykmak ýörelgesi;

– konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň ählisiniň eseri gorag bilen üpjün etmek ýörelgesi.

Awtorlyk hukuklarynyň halkara goragyny üpjün edýän ýene bir wajyp halkara şertnamalarynyň biri hem 1952-nji ýylda kabul edilen Awtorlyk hukugy hakyndaky Ženewa konwensiýasydyr (mundan beýläk – Ženewa konwensiýasy). Bu Konwensiýada maddy-hukuk kadalarynyň sanawy çäkli bolup, ol diňe terjime bilen bagly hukuklary düzgünleşdirýär. Ženewa konwensiýasynyň yza hereket ediş güýji ýokdur. Bu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda, awtorlyk hukuklarynyň gorag möhleti awtor aradan çykanyndan soň 25 ýyla deňdir.

Häzirki wagtda senagat eýeçiligi çygryndaky halkara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän esasy halkara şertnamasy hökmünde 1883-nji ýylda kabul edilen Senagat eýeçiligini goramak hakyndaky Pariž konwensiýasyny (mundan beýläk – Pariž konwensiýasy) görkezmek bolar.

Bu Konwensiýa oýlap tapyşlaryň, senagat nusgalarynyň, haryt nyşanlarynyň, hyzmat ediş nyşanlarynyň, firma atlarynyň, harytlaryň gelip çykan adynyň ýa-da gelip çykan ýeriniň adynyň goralmagynyň, şeýle hem ynsapsyz bäşleşikleriň öňüniň alynmagynyň aýratynlyklaryny özünde jemleýär.

1995-nji ýylda GDA agza ýurtlar bir bitewi patent ulgamyny döretmek maksady bilen Oýlap tapyşlary goramak baradaky Ýewraziýa patent konwensiýasyny (mundan beýläk – Ýewraziýa patent konwensiýasy) kabul etdiler.

Ýewraziýa patent konwensiýasy şu aşakdaky ýörelgelere esaslanýar:

1. Ylalaşýan döwletler senagat eýeçiliginiň obýektleriniň hukuk goragyny göz öňünde tutýan bir bitewi patent ulgamyny döredýärler. Senagat eýeçiliginiň obýektleriniň hukuk goragyny üpjün edýän patentiň berilmegi bolsa, diňe bir gezek berlen

haýyşnamanyň esasynda şol döwletiň patent edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Patent edarasy tarapyndan bir bitewi patent ulgamynyň çäklerinde berilýän patent ylalaşýan döwletleriň ählisiniň çäklerinde hereket edýär.

Bu halkara resminamalarynyň düzgünleri milli kanunçylyk namalary bilen sazlaşykly utgaşýar. Hususan-da, Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň Raýat Kodeksi, "Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakynda", "Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda", "Ylmy intellektual eýeçilik hakynda", "Haryt nyşanlary hakynda", "Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary hakynda", "Integral mikroshemalaryň topologiýalarynyň hukuk goragy hakynda", "Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda" Türkmenistanyň Kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary intellektual eýeçiligi goramakda esasy kanunçylyk binýady bolup durýar. Bu kanunçylyk namalary intellektual eýeçiligi goramagyň meseleleri bilen baglanyşykly hukuk kadalaryny özünde jemleýär.

Bu toplumlaýyn we köptaraplaýyn hukuk binýady öz gözbaşyny Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 56-njy maddasynda berkidilen: "Her bir adamyň medeni durmuşa gatnaşmaga, çeper, ylmy we tehniki döredijiligiň erkinligine hukugy bardyr. Adamyň ylmy, tehniki döredijilikde, şeýle hem çeperçilik, edebiýat we medeniýet işinde awtorlyk hukuklary hem-de bähbitleri kanun bilen goralýar" diýen hukuk kadalardan alyp gaýdýar [2].

Döredijilik işini hukuk taýdan goramak döredilen eseriň (zadyň) awtorlygyny ykrar etmek arkaly amala aşyrylýar. Bu ugurdaky kanunçylygy kämilleşdirmek işi yzygiderli dowam edýär. Çünki ylmyň täze gazananlarynyň, döwrebap tehnologiýalaryň durmuşa ornaşdyrylmagy bilen, döredijilikli işiň görnüşleri köpelýär. Munuň şeýledigini 2025-nji ýylyň iýunynda kabul edilen Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (mundan beýläk – TRK) "Intellektual eýeçilik hukugy" diýlip atlandyrylýan 4-nji böleginiň (1094-1111-nji maddalar) kadalary bilen tanyşanyňda aýdyň göz ýetirmek bolýar. TRK-nyň 1094-nji maddasyna laýyklykda, intellektual eýeçilik hukugynyň obýektlerine intellektual işiň netijeleri we özlerine hukuk goragy berilýän, olara deňleşdirilen indiwiduallaşdyryş serişdeleri degişlidir [3].

Türkmenistanda oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň daşary ýurtlarda patentlenilmegi bilen bagly gatnaşyklar Senagat nusgalyklarynyň halkara bellige alynmagy boýunça Gaaga Ylalaşygynyň 1999-njy ýylyň 2-nji iýulynda gol çekilen Ženewa namasyna hem-de "Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakynda", "Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda" Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda amala aşyrylýar [4].

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda döredilen oýlap tapyş üçin haýyşnama Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň intellektual eýeçilik boýunça Döwlet gullugyna (mundan beýläk – "Türkmenpatent") berlen senesinden dört aý geçenden soň, eger-de görkezilen döwür içinde haýyşnamada döwlet syryna degişli maglumatlaryň bardygy hakynda haýyşnamaçy habardar edilmese, daşary ýurt döwletlerine ýa-da halkara guramalaryna berlip bilner.

Haýyşnamaçynyň arzasy boýunça geçirilen barlag haýyşnamada döwlet syryna degişli maglumatlaryň ýokdugyny ýüze çykarsa, oýlap tapyş üçin haýyşnama daşary ýurtlarda patentlemek üçin görkezilen möhletden öň hem berlip bilner.

Eger-de Türkmenistanda döredilen oýlap tapyş üçin halkara haýyşnamasy "Türkmenpatente" kabul edýän edara hökmünde berlen bolsa, degişli haýyşnamany "Türkmenpatente" deslapdan bermezden, oýlap tapyş üçin halkara haýyşnamasynyň berilmegine ýol berilýär. Eger-de Türkmenistanda döredilen oýlap tapyş üçin Ýewraziýa haýyşnamasy "Türkmenpatentiň" üsti bilen berlen bolsa, degişli haýyşnamany "Türkmenpatente" deslapdan bermezden, oýlap tapyş üçin Ýewraziýa haýyşnamasynyň berilmegine ýol berilýär. Oýlap tapyşlary, senagat nusgalaryny daşary ýurtlarda patentlemek bilen baglanyşykly harajatlary haýyşnamaçy ýa-da onuň bilen ylalaşyp, gaýry şahs çekýär [5].

Umuman, intellektual eýeçilik bilen bagly meseleleri düzgünleşdirýän kanunçylygyň ähmiýeti milli ykdysadyýetde amala aşyrylýan düýpli özgertmeler bilen we onuň ähli pudaklar boýunça durnukly ösüş depginleri bilen kesgitlenilýär. Innowasion tehnologiýalaryň netijeli ornaşdyrylmagy oýlap tapyşlary, senagat nusgalaryny döretmekde we özleşdirmekde, öndürilýän önümleriň hem-de hyzmatlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmekde eýeçiligiň ähli görnüşli kärhanalarynyň we guramalarynyň gyzyklanmasyny ýokarlandyrmak arkaly gazanylýar.

## EDEBIÝAT

1. *Nuryýew Ý. M., Çaryýew A. A., Gurbanow J. H.* Halkara hususy hukugy. Okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

2. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.

3. Türkmenistanyň Raýat kodeksi. “Türkmenistan” gazeti, 2025-nji ýylyň 30-njy iýuly.

4. “Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. // Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017. – № 4. – 141-nji madda.

5. “Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. // Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017. – № 4. – 140-njy madda.